# TÜRKİYE CUMHURİYETİ HÜKÜMETİ İLE
# TÜRKMENİSTAN HÜKÜMETİ ARASINDA
# TARIM ALANINDA TEKNİK, BİLİMSEL VE EKONOMİK ALANDA
# İŞBİRLİĞİ PROTOKOLÜ

Bundan sonra "Taraflar" olarak adlandırılacak Türkiye Cumhuriyeti Hükümeti ve Türkmenistan Hükümeti, Tarım sektöründe çeşitli alanlardaki karşılıklı çıkarlara dayalı ikili işbirliğini daha da geliştirmek amacıyla, aşağıdaki konularda görüş birliğine varmışlardır:

## Madde 1

Taraflar tarım alanında aşağıdaki konularda işbirliği yapacaklardır:

- tarım sektöründeki yeni yöntemler, ileri teknolojiler ve tarımsal ürünler alanlarında işbirliği yapılması,
- ortak bilimsel araştırmaların yapılması,
- gerçekleştirilen bilimsel araştırma sonuçlarının mübadelesi,
- hayvansal genetik materyal mübadelesi
- Tarım bitkilerinin tohumculuğu alanında çalışmalar yapılması,
- Bitkilerin korunması,
- Tarım sektöründe ilgi duyulan alanlarda karşılıklı uzman değişimi,
- Tarım sektöründe karşılıklı deneyim alışverişinin yapılması amacıyla çeşitli alanlarda eğitimler, seminerler, konferanslar düzenlenmesi,
- Sulama ve sulama sistemleri konusunda deneyim mübadelesi,
- Atçılık konusunda işbirliği (veterinerlik, hastalık taramaları ve laboratuvar yöntemleri),
- Jokey yetiştiriciliği.

## Madde 2

Taraflar, ilişkilerin devamlılığını ve bu Protokolün 1. maddesinde yer alan işbirliği faaliyetlerini gerçekleştirmek için, bir Tarım Yürütme Komitesi teşkil edilmesi konusunda mutabakata varmışlardır.

Yürütme Komitesine, Tarafların Tarım Bakanları düzeyinde başkanlık edilecektir. Yürütme Komitesi Başkanı, gerekli hallerde, Tarım Bakanlığının üst düzey bir yetkilisine vekalet verebilir.

Yürütme Komitesi, Taraflarca gerçekleştirilecek faaliyetlerin belirlenmesi için toplantılar yapacaktır. Yürütme Komitesi, yılda bir defa düzenleyeceği toplantılarını, sırasıyla Türkiye ve Türkmenistan'da gerçekleştirir. Yürütme Komitesi görüşmelerinin süresi, gündemi ve üyeleri taraflarca ayrıca belirlenecektir.

## Madde 3

Taraflar, karşılıklı mutabakat çerçevesinde, bu Protokolün I. Maddesindeki alanlarda işbirliğinin sağlanmasını teminen üzerinde mutabık kalınan konularda uzman mübadelesi yaparlar.

Tarım Yürütme Komitesi üyelerinin ve uzmanların iki ülke arasında yolculuk masrafları gönderen Taraf, iaşe ve ibate masrafları ise ev sahibi Tarafça karşılanır.

Kabul edecek tarafa ziyaret konusunda önceden bilgi verecektir.

**Madde 4**

Türkmenistan Hükümeti ile Türkiye Cumhuriyeti Hükümeti, Türkmenistan Tarım Bakanlığı ile Türkiye Cumhuriyeti Gıda, Tarım ve Hayvancılık Bakanlığı bu protokolün uygulayıcı birimleri olarak belirlenmektedir.

**Madde 5**

Taraflar arasında sağlanan karşılıklı mutabakat uyarınca işbu Protokolde değişiklik ve ilaveler ekleme yapılabilir. Sözkonusu değişiklik ve ilaveler, işbu Protokolün ayrılmaz bir parçası olan ek belgeler şeklinde düzenlenir. Değiştirmeler ve ilaveler bu protokolün 6. maddesi uyarınca yürürlüğe girer.

**Madde 6**

Bu protokol, Tarafların anılan belgenin yürürlüğe girmesi için gerekli ulusal yasal usullerin tamamlandığını diplomatik yollarla bildirdikleri son yazılı bildirimin alındığı tarihte yürürlüğe girer ve 5 (beş) yıl süre ile yürürlükte kalır. Taraflardan biri işbu Protokolü sona erdirme niyetini diğer tarafa diplomatik yollarla yazılı olarak Protokol'ün son ermesinden 6 (altı) ay önceden bildirmediği takdirde, işbu Protokol 5'er (beşer) yıllık sürelerle kendiliğinden yenilenmiş sayılacaktır. İşbu Protokolün sona ermesi, bu Protokol kapsamında başlatılmış veya devam eden faaliyetlerin ve projeleri etkilemez.

İşbu Protokol, Aşkabat'ta 30 Mayıs 2013 tarihinde her biri aynı derecede geçerli olmak üzere Türk ve Türkmen dillerinde, ikişer nüsha olarak imzalanmıştır.

| | |
|---|---|
| **Türkiye Cumhuriyeti Hükümeti adına** | **Türkmenistan Hükümeti adına** |
| **Nihat ERGÜN** | **Annageldi Yazmuradov** |
| **Bilim, Sanayi ve Teknoloji Bakanı** | **Bakanlar Kurulu Başkan Yardımcısı** |

**Türkiýe Respublikasynyň Hökümeti bilen Türkmenistanyň Hökümetiniň arasynda oba hojalyk pudagynda ylmy, tehniki we ykdysady hyzmatdaşlyk etmek hakynda**

**TESWIRNAMA**

Mundan beýläk Taraplar diýlip atlandyrylýan, Türkiýe Respublikasynyň Hökümeti bilen Türkmenistanyň Hökümeti, oba hojalyk pudagynyň dürli ugurlary babatda ikitaraplaýyn özara bähbitli hyzmatdaşlygy has-da ösdürmek maksady bilen, şu aşakdakylar barada ylalaşdylar:

**1-nji madda**

Taraplaryň arasynda oba hojalyk pudagyndaky hyzmatdaşlyk şu ugurlar boýunça amala aşyrylar:

- oba hojalyk pudagynyň öňdebaryjy usullary we ösen tehnologiýalar hem-de oba hojalyk önümleri babatda hyzmatdaşlyk etmek;
- bilelikde ylmy-barlag işlerini alyp barmak;
- ýerine ýetirilen ylmy-barlag işleriniň netijeleri boýunça maglumat alyşmak;
- mallaryň genetiki materiallaryny alyşmak;
- oba hojalyk ekinleriniň tohumçylygy babatda hyzmatdaşlyk etmek;
- ösümlikleri goramak;
- oba hojalyk pudagynda gyzyklanma bildirilýän ugurlar boýunça hünärmenleri özara alyşmak;
- oba hojalyk pudagynda özara tejribe alyşmak maksady bilen, dürli ugurlar boýunça okuwlary, seminarlary we maslahatlary geçirmek;
- suwaryş we suwaryş ulgamlary boýunça tejribe alyşmak;
- atçylyk pudagy boýunça (weterinariýa, keseller we barlaghanalary dolandyrmak) hyzmatdaşlyk etmek;
- çapyksuwarlary taýýarlamak.

**2-nji madda**

Taraplar gatnaşyklary we şu Teswirnamanyň 1-nji maddasynda görkezilen hyzmatdaşlygy yzygiderli üpjün etmek üçin oba hojalyk babatynda Ýerine ýetiriji toparyny döretmegi ylalaşdylar.

Ýerine ýetiriji toparyna Taraplaryň Oba hojalyk ministrleriniň derejesinde ýolbaşçylyk ediler. Ýerini ýetiriji toparynyň ýolbaşçysy, zerur bolan halatda Oba hojalyk ministrliginiň ýokary derejeli wekiline ygtyýar berip biler.

Ýerine ýetiriji topar Taraplaryň amala aşyryljak işlerini kesgitlemek üçin mejlisleri geçirýär. Ýerine ýetiriji toparyň mejlisleri Taraplaryň özara ylalaşmagy esasynda ýylda bir gezek nobatma-nobat Türkiýe Respublikasynda we Türkmenistanda geçirilýär. Taraplar Ýerine ýetiriji toparynyň mejlisleriniň möhletlerini, serediljek meseleleriň gün tertibini we düzümini goşmaça ylalaşýarlar.

**3-nji madda**

Taraplar, özara ylalaşmak esasynda, şu Teswirnamanyň 1-nji maddasynda görkezilen ugurlarda hyzmatdaşlyk etmegi üpjün etmek maksady bilen, ylalaşylan meselelerde hünärmen alyşarlar.

Oba hojalyk babatda Ýerine ýetiriji toparynyň agzalarynyň we hünärmenleriň iki döwletiň arasyndaky halkara ýol harajatlaryny iberen Tarap, ýaşamak we iýmit boýunça harajatlaryny bolsa, kabul edýän Tarap öz üstüne alýar.

Kabul edýän Tarapa, sapar hakynda öňünden habar berler.

**4-nji madda**

Türkiýe Respublikasynyň Hökümeti we Türkmenistanyň Hökümeti Türkiýe Respublikasynyň Azyk, oba hojalyk we maldarçylyk ministrligi bilen Türkmenistanyň Oba hojalyk ministrligini şu Teswirnamany ýerine ýetiriji edaralar hökmünde belleýärler.

**5-nji madda**

Taraplaryň özara ylalaşmagy boýunça şu Teswirnama üýtgetmeler hem-de goşmaçalar girizilip bilner, olar şu Teswirnamanyň aýrylmaz bölegi bolup durýan aýratyn ýazmaça resminamalar arkaly resmileşdirilýär. Üýtgetmeler we goşmaçalar şu Teswirnamanyň 6-njy maddasyna laýyklykda güýje girýär.

**6-njy madda**

Şu Teswirnama, onuň güýje girmegi üçin Taraplaryň zerur bolan içerki döwlet amallaryny ýerine ýetirendigi baradaky bir-birine diplomatik ýollar arkaly iberen iň soňky ýazmaça habarnamasynyň kabul edilen senesinden güýje girýär we 5 (bäş) ýylyň dowamynda hereket edýär. Taraplardan biri şu Teswirnamany ýatyrmak hakyndaky meýlini beýleki Tarapa ýazmaça görnüşde diplomatik ýollar arkaly Teswirnamanyň hereketi tamamlanmazdan 6 (alty) aý öň bildirmese, şu Teswirnama soňraky 5 (bäş) ýyllyk döwürlere öz özünden uzalýar. Şu Teswirnamanyň hereketiniň bes edilmegi onuň çäklerinde amala aşyrylyp başlanan ýa-da dowam edýän çäreleriň we taslamalaryň ýerine ýetirilmegine täsir etmeýär.

Aşgabat şäherinde 2013-nji ýylyň «30» maýynda her biri türk we türkmen dillerinde iki nusgada amal edildi, özi-de ähli nusgalaryň birmeňzeş güýji bardyr.

| | |
|---|---|
| **Türkiýe Respublikasynyň Hökümetiniň adyndan** | **Türkmenistanyň Hökümetiniň adyndan** |
| **Nihat Ergün**<br>**Ylym, senagat we tehnologiýa ministri** | **Annageldi Ýazmuradov**<br>**Ministrler Kabinetiniň başlygynyň orunbasary** |